# Ömür / öýkünme goşgy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Ömür / öýkünme goşgy ÖMÜR

*(Rus şahyry Oleg Molotkowyň 1989-njy ýylda neşir edilen “Мама, сказка, каша, кошка…” atly şygryna öýkünme)*

…Göbegene, emme, süýt, eje…
Gundag, sallançak, hüwdi, emme…
Öl, arlyk, emme, hopba, gije…
Daňdan, “Bobotik”, ýel we “şe-me”…
Şüle, durak-durak, erteki…
Bakja, süýji, gurjak hem uky…

Sentýabr, çemen, mugallym, harplyk…
Partadaş, gyzjagaz, saç, narpyz…
Gündelik, bellik, kaka, şarpyk…
Çüňk, gözýaş, eje, nahar, garpyz…
Edebiýat, rus dili, “Koşkin dom”…
Aýdym-saz, galam, bozguç, albom…

Gündelik, ikilik, kaka, çüňk…
Pökgi, tigir, ner, ýandak, ýabak…
Eje, öý iş, agşam, çorba, süňk…
Kino, düşek, ýumulgy gabak…
Irden, sabyn, çotga, akja gar…
Bezzat ylgap mekdebe barýar…

Tomus, kanikul, deňiz, oýun…
Sentýabr, desse, sebet, mugallym…
Soň, formulasy Faradeýiň,
Himiýa, fizika, Darwin, Om…
Pyragy, Napolýon, Seljuklar,
Dekart, mikroblar hem öýjükler…

Gutardyş, şahadatnama, ýol…

Institut, synag, sanaw, talyp…
Sapak, çäre, talyp haky, gol…
Ýene-de Pyragy, Andalyp,
Azady, Mollanepes, Seýdi,
Ýat tutulan Haýýamyň beýdi…

Tanyşlyk, duşuşyk, jaň, desse…
IMO, teatr, buz gaýmak, seýil…
Tomus, synag, dynç alyş, gussa…
Güýz, duşuşyk, toý tutmak meýil…
Ýene-de sintaksis, ümlükler,
Hasap, synag we ş.m. şumluklar…

Soň, gutardyş, gulluk hem ädik…
Sawçylyk, galyň, alada, toý…
Iş, “Bergini üzmeli nädip?”…
Kärdeşler, maşgala, bäbek öý…
Göbegene, emme, süýt, eje…
Öl arlyk, emme, hopba, gije…

Bakja, eneke, mekdep, desse…
Telewizor, diwan, çäýnek, gybat…
Çal saçlar, aýna, garyn, gussa…
Ulag, edara, iş, jaý, nobat…
Nepaga, hoşlaşyk, ak goýun…
Epilen bil, hökgeren boýun…
Bäş gary biýz, daş ýaly toýun… Goşgular